# Ajap ýaýlam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ajap ýaýlam AJAP ÝAÝLAM



Ahal ilim Köpetdagyn,
Bäherdenim Erem bagyn,
Jennet deýin säher çagyn,
Eziz obam, ajap ýaýlam.
Ýer myhynyň aýasynda,
Dag deräniň joýasynda,
Bag jülgäniň saýasynda,
Eziz obam, ajap ýaýlam.

Bakçasynda bil-bil saýrar,
Depesinde bulut arlar,
Kölgesinde köňül ýeňlär,
Eziz obam, ajap ýaýlam.

Çeşmesinden bal akadyr,
Ysy teşne edip ýakadyr,
Gujak açyp, hoş bakadyr,
Eziz obam, ajap ýaýlam.

Türkmen milletinden aslyň,
Bir şahasy Oguz nesliň,
Asyr, asyr taryh esliň,
Eziz obam, ajap ýaýlam.

Halmyratnyň köňlün joşdyr,
Hüýr melekler näzik yşdyr,
Gardaş ogly dag deý başdyr,
Nohur obam, ajap ýaýlam.

Halmyrat ORAZOW.

19.02.2024 ýyl. Goşgular